# Dile geldi…

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dile geldi… DILE GELDI…

Ýazyjynyň eseri öz ýürek heňiňe mahsus bolmasa, onuň şol eseri ýürekden ýazmadygydyr.

* * *

Bitirip bolmaýan işe garrylaryň-a güýji ýetenok, ýaşlaryňam akyly.

* * *

Boş ýaňramanyň, täsirli gürlemäniň ikisiniňem alýan wagty bir bolsa-da, berýän peýdasy başga.

* * *

Haýsydyr bir şahyryň goşgularyny joşgun bilen ýatdan aýdyp berip, şahyryň özünden has abraýly bolýanlara-da gabat gelinýär.

* * *

Hakykata gözüň ýetip durka, hakykatdan daş durmak – Hudaýdan daş durmakdyr.

* * *

Halys gülmäge ýer tapmasaň, il gülende bir gül, belki, ömrüň uzalyp, ahyry özüňe-de gülmäge bir bahana tapylar.

Amanmyrat KAKABAÝEW. Sözler